# HIL DOLANDYRYŞ ULGAMY BOÝUNÇA SYÝASAT

Türkmenistanyň Deňiz we derýa ulaglary döwlet gullugynyň ýanyndaky Türkmenistanyň Gämi gatnawyna döwlet gözegçilik administrasiýasy (mundan beýläk – Administrasiýa) Türkmenistanyň Hazar deňziniň türkmen böleginde gämi gatnawyna döwlet gözegçiligini amala aşyrýan ygtyýarly döwlet edarasy bolup durýar.

**Administrasiýanyň missiýasy** – deňiz işjeňliginiň ösüşi üçin durnukly we howpsuz gurşawy döretmek, döwletiň, gämi eýeleriniň we deňizçileriň bähbitleriniň deňagramlylygyny üpjün etmekdir. Biz deňizde adam janynyň howpsuzlygyny we deňiz ýollarynyň ekologik durnuklylygyny kepillendirýän döwlet dolandyryşynyň kämil hil derejesine ýetmäge çalyşýarys.

**Strategik maksat** – gämi gatnawynyň howpsuzlygy, deňiz gurşawyny goramak we deňizçileriň diplomlaşdyrylyşynyň milli ulgamyny kämilleşdirmek babatda halkara borçnamalaryň gürrüňsiz ýerine ýetirilmegini kepillendirýän döwlet gözegçilik ulgamyny kämilleşdirmek arkaly döwletiň deňiz kuwwatynyň durnukly ösüşini üpjün etmekdir.

Öz garaýşynda Administrasiýa Halkara Deňiz Guramasynyň (IMO) gurallaryny ornaşdyrmak arkaly gämi gatnawynyň howpsuzlygynyň we deňiz gurşawynyň goragynyň ýokary standartlaryny üpjün etmäge çalyşýar.

Ýokarda agzalan maksatlara ýetmek üçin Administrasiýada ISO 9001:2015 halkara standartynyň talaplaryna laýyklykda **“Gämi gatnawynda dolandyryş we tehniki gözegçiligi amala aşyrmak” ugrunda Hil dolandyryş ulgamy (mundan beýläk – HDU) ornaşdyryldy. Bu ulgam “Deňiz gämilerini döwlet tarapyndan bellige almak”, “Deňizçileri diplomlaşdyrmak we deňizçiniň şahsyýetnamasyny resmileşdirmek”, “Port kapitan gullugy tarapyndan gämilere gözegçilik (PSC)”, “Döwlet Baýdagy astynda ýüzýän gämilere gözegçilik (FSC)” hem-de “Gämileriň hereketiniň howpsuzlygyny dolandyrmak (VTS)” ýaly prosesleri öz içine alýar**. Ulgamyň çäkleri arzalary kabul etmekden başlap resminamalary bermek we bellige almak işleriniň doly tapgyryny, şeýle hem gözegçilik ygtyýarlyklarynyň çäklerinde gämilerde we suw giňişliklerinde barlaglary geçirmegi öz içine alýar.

**Administrasiýanyň ýokary ýolbaşçylygy ähli gyzyklanýan taraplaryň öňündäki jogapkärçiligine düşünip, öz üstüne şu aşakdaky borçnamalary alýar:**

- ✓ IMO-nyň halkara konwensiýalarynyň, milli kanunçylygyň we deňiz işi babatdaky kadalaşdyryjy namalaryň talaplaryny ornaşdyrmak we berjaý etmek;
- ✓ inspektorlaryň we dolandyryş işgärleriniň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak arkaly olaryň başarnyk derejesini ýokary derejede saklamak;
- ✓ maglumatlaryň ygtybarlylygyny, döwlet hyzmatlarynyň tizligini we aç-açanlygyny üpjün etmek üçin awtomatlaşdyrylan gözegçilik ulgamlaryny we elektron sanawlary ornaşdyrmak;
- ✓ HDU-nyň netijeli işlemegi we ösdürilmegi üçin zerur serişdeleri üpjün etmek;
- ✓ her bir işgäriň öz wezipesini ýokary hilli ýerine ýetirmegi üçin jogapkärçiligini we kämilleşdiriş işine gatnaşygyny kemala getirmek;
- ✓ Administrasiýanyň işi barada milli we halkara gyzyklanýan taraplar üçin maglumatlaryň açyklygyny we elýeterliligini üpjün etmek;
- ✓ HDU-daky laýyk gelmezlikleri ýüze çykarmak we aradan aýyrmak, şeýle hem döwlet gözegçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin içerki auditleri yzygiderli geçirmek;
- ✓ Administrasiýanyň işindäki töwekgelçilikleri ýüze çykarmak, baha bermek we mümkin boldugyça azaltmak;
- ✓ HDU-nyň öňünde goýlan maksatlaryna ýetmek üçin zerur serişdeleri meýilleşdirmek we bölüp bermek;
- ✓ berilýän hyzmatlaryň hiline gözegçilik ulgamyny, Administrasiýanyň içindäki maglumat alyş-çalşygyny we gyzyklanýan taraplar bilen özara gatnaşygy kämilleşdirmek;
- ✓ ýokarda görkezilen borçnamalary ýerine ýetirmek.

Bu Syýasaty berjaý etmek Administrasiýanyň her bir işgäriniň borjudyr. Administrasiýanyň ýolbaşçylygy şu Syýasaty durmuşa geçirmek üçin jogapkärçilik çekýär we ony ähli işgärlere hem-de beýleki gyzyklanýan taraplara ýetirmegi öz üstüne alýar.

**Başlyk** **O.Begnazarow**

**«05» ýanwar 2026 ý.**